# Özbegistan 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny 35% azaldar

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Abu-Dabiniň Durnukly ösüş hepdeligi sammitinde çykyş etdi. Çärä Birleşen Arap Emirlikleriniň paýtagtynda geçirildi. Döwlet baştutanynyň metbugat gullugynyň habar bermegine görä, 2030-njy ýyla çenli respublikada parnik gazlarynyň mukdary 35% azalýar.

Çärä BAE-niň Prezidenti Şeýh Muhammet Al Nahýan, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew, Seýşel Adalarynyň Prezidenti Uowel Ramkalawan, Ruandanyň Prezidenti Pol Kagame, Nigeriýanyň Prezidenti Bola Tinubu, Ugandanyň Prezidenti Ýoweri Museweni we beýleki ýurtlaryň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Mirziýoýew çykyşynda energiýa çeşmeleriniň diwersifikasiýasy we uglevodorodlaryň paýynyň ep-esli azaldylmagynyň howanyň üýtgemeginiň täsirini azaltmagyň esasy şertleri bolup durýandygyny belledi. Bu üýtgeşmeler durnukly ösüşi we global howpsuzlygy üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Döwlet baştutanynyň aýtmagyna görä, Täze Özbegistanyň strategiki maksady ekologiýa durnuklylygyny we ykdysady ösüşi üpjün etmekdir. Ol munuň serişdeleri gorap saklamaga gönükdirilen “ýaşyl” ösüş modeline geçmek arkaly gazanyp boljakdygyny belledi. Mundan başga-da, döwlet baştutany 2030-njy ýyla çenli Özbegistanda parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň 35% azaljakdygyny nygtady.

Все права защищены

save pdf date >>> 18.01.2025